# Agaçlaram adamlara çalymdaş…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Agaçlaram adamlara çalymdaş… AGAÇLARAM ADAMLARA ÇALYMDAŞ…

Agaçlaram adamlara çalymdaş,
Ýogynly-inçeli, belentli-pesli,
Adamlaryňky deý, arzuwlary baş:
Yzyn ýitirmezlik – galdyrmak nesli.

Agaçlaram adamlara çalymdaş,
(Gaýtalanýan borly kän zat dünýäde!)
Käsi karam edýär – käsi edýär kaş,
Beýlekiniň depesine münýä-de!

Agaçlaram adamlara çalymdaş,
Birisi miweden ýegşerilip dur.
Bar pikiri edinmeklik belent baş,
Beýlekisi gökde gaýşarylyp dur.

Agaçlaram adamlara çalymdaş,
Käsi hapalanok duran ornuny.
Käbirisi welin tämizlikden daş,
Erbet ysy gaňryp barýar burnuňy.

Agaçlaram adamlara çalymdaş,
Kä esassyz döwýärler ýa çapýarlar.
Ýarasyndan syrykdyryp ganmy-ýaş,
Ýene gögermäge gaýrat tapýarlar.

Agaçlaram adamlara çalymdaş,
Muny olar duýan bora çemeli.
Ajal ýassygyna ýeteninde baş,
Tabyt bolýar soňky ýoluňa çenli.

Hemra ŞIROW. Goşgular